# Türkmen halysy — halkymyzyň milli taryhynyň sakasydyr!

Halyçylyk-türkmen halkynyň amaly-haşam sungatynyň has gadymy görnüşleriniň biri hasaplanýar. Halyçylyk sungaty öz gözbaşyny gadymy geçmişiň jümmüşinden alyp gaýdýar hem-de baryp 5 müň ýyl mundan ozal türkmen halylarynyň dokalandygy äşgär edilýär. Türkmen gelin-gyzlarynyň uz barmaklarynyň gudratyndan döreýän haly önümleri türkmeniň durmuşyny bezeýär. Irki döwürlerde ata-babalarymyzyň döreden «Agyr halyny kakyp bolmaz, ownuk daşyn döküp bolmaz» matalyndan asman giňişliginiň äpet hala, onuň ýyldyzlarynyň bolsa haly göllerine meňzedilmegi bu ajaýyp sungatyň mukaddesliginden habar berýär.

Waspy dessana mynasyp türkmen halylary müňlerçe ýyllaryň dowamynda halkymyzyň ýaşaýyş ykbalyny özüne siňdiripdir. Onuň her bir nagşynda, gölünde enäniň gyzyna ündewi, edepli gyzyň ene-atasyna, gerçek agasyna sarpasy, söwer ýaryna wepasy janlanýar. Haly dokalanda inçe çitmek, tekiz gyrmak ussatlyk hasaplanýar. Müňlerçe çitimleriň, öýdümlerdir gyrymlaryň mukamlara çalym edýän darak kakmalaryň esasynda dörän bu gymmatly senetde pederlerimiziň durmuş hakykatlary, rowaýaty wakalar janlanýar.

Halyçylyk sungatynyň halkymyzyň dünýägaraýşyny, taryhyny, häzirki döwrüne buýsanjyny, nurana geljek baradaky ajaýyp arzuwlaryny özünde jemleýändigini bellemek gerek. Nepislik bilen dokalýan haly gölleriniň Garaşsyz, baky Bitarap Watanymyzyň Döwlet nyşanlarynyň esasy bezegine öwrülmeginde çuňňur many bar. Türkmen halkynyň agzybirligini we bitewüligini alamatlandyrmak bilen, bu nyşanlar kämilleşmegiň belentliklerine ýetmek hyjuwyny äşgär edýär. Şeýle hem 2016-njy ýylyň sentýabr aýynda Aşgabadyň Halkara howa menziliniň binasy, ýolagçy terminalynyň üçeginde haly gölüniň ýerleşdirilmegi bilen, “Iň uly haly göli” hökmünde Ginnesiň rekordlar kitabynda orun aldy.

Häzirki döwürde halyçylyk kärhanalarynda ajaýyp halylar dokalýar. Şolar gadymy döwürlerde bolşy ýaly, häzirki döwürde hem kaşaň edara binalarynyň, medeniýet merkezleriniň, muzeýleriň baş bezeglerine öwrülýär.

Halyçylar döredijilik gözlegleri bilen gadymy halylaryň nusgalaryny dikeldýärler. Bu babatda olar haly dokamagyň çylşyrymly we örän takyk usullaryny netijeli peýdalanýarlar. Geçen asyryň ortalarynda Altaý ülkesinde ýerleşýän depelerde geçirilen gazuw-agtaryş işleri netijesinde ýüze çykarylan we häzirki döwürde Sankt-Peterburg şäheriniň Döwlet ermitažynda saklanýan ajaýyp Pazyryk halysynyň nusgasynyň taýýarlanandygyny bellemeli. Häzirki döwürde iň gadymy haly hasaplanylýan we goýun ýüňünden taýýarlanan erişden dokalan bu halynyň biziň eýýamymyzdan ozalky V-IV asyra degişlidigini taryh ylmy subut etdi. Ol özüniň dokalyş aýratynlygy, inçeligi, reňkleriniň sazlaşygy we milli gymmatlyklary öz içine alýandygy arkaly türkmen halylarynyň gadymy nusgasy hökmünde ykrar edildi.

Ajaýyp sungat eserlerine deňelýän türkmen halylarynyň dünýä ýaýramagynda taryhda öçmejek yz galdyran Beýik Ýüpek ýoluna möhüm orun degişlidir. Häzirki döwürde bu gadymy ugur täzeden dikeldilýär hem-de ýurtlaryň we sebitleriň arasynda köptaraply söwda-ykdysady gatnaşyklaryň ösdürilmeginde öz beýanyny tapýar.

Все права защищены

save pdf date >>> 04.12.2024

**Çemen NOWRUZOWA**

**Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky**
**Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy**

Все права защищены